# Eje (Goşgy) – Nurgözel ÝAZBERDIÝEWA

Category: Goşgular
написано kitapcy | 15 марта, 2025



*Ýyly mähriň Günüň çogly kuýaşy,*
*Men seniň nuruňdan güýç alýan, eje!*
*Gamly günüm ýürek urar bikarar,*
*Mährem ýüzüň görsem ynjalýan, eje!*

*Ýakyn bolsak ýa bolsagam alysda,*
*Mydam saňa söýgi-hormat bar, eje!*

*Beren terbiýäňe, beren edebňe,*
*Perzentleriň senden minnetdar, eje!*

*Her pursadym seniň bilen gözeldir,*
*Päklik jemlenipdir keşbiňde, eje!*
*Nirde bolup, näme hakda ýazsam-da,*
*Mydam waspyň bolar kesbimde, eje!*

*Ýerdäki perişdäm, bagt bagbanym,*
*Baýlygym, barlygym, gymmatym, eje!*
*Müň şükürler edýän çüwen ykbala,*
*Sen arşdan inderlen jennetim, eje!*

*Söýgiň ýaly söýgi bagş etmek üçin,*
*Kalbymy kalbyňa nagyşla, eje!*
*Kejirligmi edip degsem göwnüňe,*
*Ýekeje gyzyňy bagyşla, eje!*

**Nurgözel ÝAZBERDIÝEWA,**
**Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň ýaşaýjysy.**